**“Tassyklandy“**

**„Mary deri-aýakgap“**AGPJ-niň paýdarlarynyň
Umumy ýygnagynyň 2023-nji ýylyň „15“
fewralynda №3 belgili Teswirnamasy bilen.

# “Mary deri-aýakgap” açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň obligasiýasynyň EMISSIÝA PROSPEKTI

1. **Emitent-**„Mary deri-aýakgap“ açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti (AGPJ).

2. **Ýuridiki salgysy we ýerleşýän ýeri:** Mary şäheri Ýeňişiň 50 ýyllygy köçesi 50-nji jaýy.

3. **Jemgyýetiň dolandyryş edaralary:**

3.1. Jemgyýetiň gözegçilik Geňeşi: Türkmenistanyň Dokma senagaty ministriniň orunbasary Şyhgulyýew Wepamuhammet Çaryýewiç (geňeşiň başlygy), “Röwşen” hususy kärhanasynyň direktory Nurýagdyýew Amanmuhammet (geňeşiň agzasy), “Röwşen” hususy kärhanasynyň direktorynyň orunbasary Nurýagdyýew Akmuhammet (geňeşiň agzasy).

3.2. Jemgyýetiň müdüriýeti: Jemgyýetiň baş direktory Çaryýew Aşyr Toýçyýewiç.

3.3. Jemgyýetiň derňew topary: “Röwşen” hususy kärhanasynyň aýakgap önümçiligi boýunça direktoryň orunbasary Goçmyrat Hümmedow (topar agzasy), jemgyýetiň hasapçysy Şanazar Allamyradow (topar agzasy), Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň derňewçisi Merdan Berdimyradow (topar agzasy).

4. **Jemgyýetiň esaslandyryjylary (paýdarlary):**

4.1. “Röwşen” hususy kärhanasy – 19 998 123 manat (60%).

4.2. Dokma senagaty ministrligi – 13 332 082 manat (40%).

5. **Emitentiň esaslyk maýasynyň möçberi:** 33 330 205 manat.

6. **Obligasiýanyň goýberilişiniň görnüşi: Atly resminamalaşdyrylmadyk.**

7. **Obligasiýanyň ýerleňýän ýeri – Aşgabat gazna biržasynyň söwda ulgamynda.**

8. **Obligasiýanyň goýberiliş, ýerleşdiriş we yzyna gaýtarylyş ölçegleri:**

bir sany obligasiýanyň nominal bahasy: 1 000 manat;

obligasiýanyň umumy sany: 10 000 sany;
obligasiýanyň goýberiliş möçberi: 10 000 000 manat;
obligasiýanyň ýyllyk girdeji göterim möçberi: 7,0%;
obligasiýanyň dolanşyk möhleti: 2 ýyl;
obligasiýa boýunça göterim girdejileri tölemek tertibi: çärýekleýin
obligasiýa boýunça esasy berginiň gaýtarylmagynyň tertibi: soňky çärýekde girdeji göterimi bilen bilelikde maýadarlara gaýtarylýar;
obligasiýanyň ýerlemek we tölemek tertibi: nagt däl görnüşinde milli pul birliginde;
obligasiýanyň ýerleşdirilmeginiň başlanýan senesi: Obligasiýanyň emissiýasynyň döwlet belligine alnan senesinden;
obligasiýanyň ýerleşdirilmeginiň tamamlanýan senesi: döwlet belligine alnan senesinden 6 aý möhletde;
ýerleşdirilmeginiň usuly – açyk ýazylyşyk;
mümkin bolup biljek eýeleri – fiziki we ýuridiki şahslary;

**9. Emitentiň maliýe ýagdaýynyň esasy görkezijileri barada maglumat:**

| T/b | Esasy maliýe görkezijiler | 2021 ý. | 2022 ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | Girdejiler | 31 162 154 | 131 455 990 |
| 2 | Çykdajylar | 29 367 431 | 126 183 356 |
| 3 | Sap peýda | 1 794 723 | 5 272 634 |
| 4 | Aktiwler | 35 133 215 | 131 749 944 |

**10. Maýa goýum taslamanyň maksady we tehniki –ykdysady esaslandyrmasy:**

”Mary deri-aýakgap” açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti, jemgyýetiň maýa goýum maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, jemgyýetiň işini ösdürmek bilen jemgyýetiň önümçiligini giňeldip bäsleşige ukyply önümleri öndürmek üçin enjamlaryň birnäçesini tapgyrlaýyn täzelemek maksady bilen, Türkiýe döwletiniň önümi bolan döwrebap deri eýleýji çelekleri (hrom barabanlaryny) we Italiýa döwletiniň önümi bolan döwrebap ýarym taýyn bolan derini sykmak we derini çekip ýazmak üçin gidrawliki enjamyny we ýylmaýjy enjamyny almaga hem-de önümçilik, ammar, hojalyk binalarynda düýpli abatlaýyş işlerini geçirmäge we täze önümleri öndürýän döwrebap kagyz (karton gutylary) sehini gurmaklyk göz öňünde tutulýar.

**Emitentiň ygtyýarly wekili** ______________ **A.T. Çaryýew**
(goly) (A.F.A.a.)

«MARY DERI-AÝAKGAP»

**Möhür**

**“Tassyklandy”**

„Mary Deri-aýakgap“Açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň
Paýdarlarynyň Umumy ýygnagynyň
2023-nji ýylyň 15-nji noýabryndaky 5 belgili Teswirnamasy bilen.

**Gymmatly kagyzlaryň ýeke-täk döwlet sanawyndaky belgisi:**

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 0 | 5 | 5 | 0 | 0 | 2 | 4 | 0 | 1 | 3 | P |

Bellige alnan senesi: 07.12.2023 ýyl.

Bellige alan edara: Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi
Bellige alan edaranyň ygtyýarly wekiliniň ady we goly: ________________

M.Ý.

# GYMMATLY KAGYZLARYŇ EMISSIÝA PROSPEKTI

## “MARY DERI-AÝAKGAP”

## AÇYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**Atly Obligasiýalaryň sany 20 000, her biriniň nominal bahasy 1 000 manat**

Emitentiň Baş direktory: ________________ A.T. Çaryýew

Emitentiň baş buhgalteri: ________________ Ç. Hommotjaýew

M.Ý.

TÜRKMENISTAN, MARY WELAÝATY MARY ŞÄHERI, AÇYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI «MARY DERI-AÝAKGAP»

## 1. Emitent barada umumy maglumatlar

1.1. Emitentiň doly ady: "Mary Deri-aýakgap" açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti;

1.2. Emitentiň gysgaldylan ady: "Mary Deri-aýakgap" AGPJ;

1.3. Eýeçiligiň görnüşi: açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti;

1.4. Ýuridiki salgysy we ýerleşýän ýeri: Mary welaýaty, Mary şäheri, Ýeňişiň 50 ýyllygy köçesi, jaý 50

1.5. Bank maglumatlary:

Ady: "Mary Deri-aýakgap" AGPJ

Salgysy: Mary welaýaty, Mary şäheri, Ýeňişiň 50 ýyllygy köçesi, jaý 50
Salgyt kody: 601221001319
Bank: PTB «Türkmenbaşy» Mary welaýat şahaçasy
Hasaplaşyk hasaby (manatda): 23202934139072000256000
BAB: 390701390
H/H: 21101934110100300007000

1.6. Döwlet belgisine alan edara: Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi;

1.7. Türkmenistanyň ýuridik şähslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndaky belgisi we senesi: №14010011, sene: 27.11.2020ý.

1.8. Işiň esasy görnüşleri: Iri we ownuk şahly mallaryň derilerini gaýtadan işlemek, taýýar göni öndürmek, deri-aýakgap we beýleki deri önümçiligi.

1.9. Jemgyýetiň Tertipnamasynyň esasy düzgünleri:

"Mary Deri-aýakgap" AGPJ-niň Tertipnamasy "Paýdarlar jemgyýetleri hakyndaky", "Gymmatly kagyzlar bazary hakyndaky" Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda taýýarlanyldy we Jemgyýetiň Paýdarlarynyň Umumy ýygnagynyň 04.11.2020ý. senedäki 1 belgili Teswirnamasy bilen tassyklandy. "Mary Deri-aýakgap" AGPJ Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýuridiki şahs bolup durýar we ol iki sany Esaslandyryjylar tarapyndan esaslandyryldy.

1.10. Jemgyýetiň Gözegçilik geňeşiniň agzalary:

| Gözegçilik geňeşiniň agzasynyň A.A.F. | Eýeleýän wezipesi häzirki wagtda we soňky üç ýylda | Jemgyýetiň esaslyk maýasyndaky paýy | |
|---|---|---|---|
| | | Manatda | Göterimde |
| Wepamuhammet Çaryýewiç Şyhgulyýew (Geňeşiniň Başlygy) | Türkmenistanyň Dokma senagaty ministriniň orunbasary | 0 | 0 |
| Amanmuhammet Nuryagdyýew (Geňeşiniň agzasy) | "Röwşen" hususy kärhanasynyň direktory | 0 | 0 |
| Akmuhammet Nuryagdyýew (Geňeşiniň agzasy) | "Röwşen" hususy kärhanasynyň direktorynyň orunbasary | 0 | 0 |

1.11. Emitentiň paýdarlary (esaslandyryjylary):

| Paýdarlaryň doly ady | Ýolbaşçysynyň doly ady | Paýdarlaryň hukuk salgysy | Jemgyýetiň esaslyk maýasyndaky paýy | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | Manatda | Paýnama sany | Göterimde, % |
| "Röwşen" hususy kärhanasy | Amanmuhammet Nuryagdyýew | Mary welaýat, Mary ş., Bagtyýarlyk köç., 35 A | 19 998 123 | 30 909 | 60 |
| Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrligi | Resul Rejepow | Aşgabat ş., Garaşsyzlyk şaýoly, jaý 96 | 13 332 082 | 20 606 | 40 |

1.12. Emitentiň Ýerine ýetiriji edarasy:

| Ýerine ýetiriji edarasynyň agzasynyň A.A.F | Eýeleýän wezipesi häzirki wagtda we soňky üç ýylda | Jemgyýetiň esaslyk maýasyndaky paýy | |
|---|---|---|---|
| | | Manatda | Göterimde, % |
| Aşyr Toýçyýewiç Çaryýew | "Mary deri-aýakgap" AGPJ-niň Baş direktory | 0 | 0 |

1.13. Emitentiň işgärleriniň jemi sany: 255

1.14. Emitentiň birleşmelere (assosiasiýalara), birleşiklere we jemgyýetçilik guramalaryna agzalygy: Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi

1.15. Halkara we ýurdumyzdaky reýting agentlikleriň beren reýtingi: Ýok

## 2. Emitentiň işi barada maglumatlar we esasy maliýe görkezijileri.

2.1. Emitentiň maliýe ýagdaýynyň esasy görkezijileri barada maglumat:

| T/b | Esasy maliýe görkezijiler | 2021 ý. | 2022 ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | Girdeji | 31 162 154 | 131 455 990 |
| 2 | Çykdajy | 29 367 431 | 126 183 356 |
| 3 | Sap peýda | 1 794 723 | 5 272 634 |
| 4 | Aktiwler (şol sanda): | 54 950 350 | 151 193 162 |
| | Arassa aktiwler | 34 486 588 | 38 492 374 |

2.2. Emitentiň esaslyk maýasynyň möçberi: 33 330 205 (otuz üç million üç ýüz otuz müň iki ýüz bäş) manat;

2.3. Emitentiň maliýe hasabatlylygy: 2021 we 2022 ýyllar boýunça Maliýe hasabatlylygynyň toplumynyň nusgalary goşulýar.

2.4. Audit netijenamasy: 2022-nji ýylyň 31-nji dekabr ýagdaýyna Maliýe-hojalyk işleriniň netijeli boýunça Audit hasabatynyň nusgalary goşulýar.

2.5. Paýnamalaryň soňky üç ýylyň dowamynda çykarylyşy barada maglumat: Çykarylmady.

2.6. Obligasiýalaryň soňky üç ýylyň dowamynda çykarylyşy barada maglumat:

| Obligasiýalaryň görnüşi | Çykarylan sany | Biriniň nominal bahasy | Göýberiliş möçberi | Bellige alnan | | Doly ýerlenen senesi* |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Belgisi | senesi | |
| Atly resminamalaşmadyk | 10 000 | 1 000 | 10 000 000 | 0550014007P | 09.05.2023 | 18.08.2023 |

*Bellik: Atly resminamalaşmadyk obligasiýalary dolulygyna ýerlenildi.

2.7. Maýa goýum taslamanyň maksady we tehniki -ykdysady esaslandyrmasy:
"Mary Deri-aýakgap" açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti, Jemgyýetiň maýa goýum maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, Jemgyýetiň işini hasda ösdürmek we önümçilik kuwwatlylygyny artdyrmak bilen öndürilýän önümleriň görnüşlerini artdyrmak, täze önümleri we olaryň dizaýnyny dünýä tejribesine laýyklykda işläp taýýarlamak, ýerlenýän bazarlarynyň gerimini giňeltmek şeýle-hem aýakgap we beýleki deri önümlerini daşary ýurt bazarlaryna çykarmak maksady bilen, zerur bolan önümçilik maksatly çig mallary we materiallary satyn almak, önümçilige täze tehnologiýalary ornaşdyrmak we önümçilik prosessini sanlylaşdyrmak hem-de marketing we mahabatlandyrma işleriniň gerimini giňeltmek göz öňünde tutulýar.

## 3. Emitentiň gurluşy.

"Mary Deri-aýakgap" AGPJ öz işinde Tertipnamasyna laýyklykda, Jemgyýetiň işine ýolbaşçylygy (dolandyryşy) şu aşakdakylar amala aşyrýar:

- Paýdarlaryň umumy ýygnagy, ol Jemgyýetiň işlerine ýokary ýolbaşçy (dolandyryjy) gurmasy, edarasy bolup durýar. Jemgyýet paýdarlaryň her ýyllyk umumy ýygnagyny we paýdarlaryň nobatdan daşary umumy ýygnaklaryny geçirýär;
- Jemgyýetiň Gözegçilik Geňeşi, oaryň agzalary paýdarlaryň ýa-da olaryň wekilleriniň sanyndan saýlanylýar;
- Jemgyýetiň ýerine ýetiriji edarasy, ol Jemgyýetiň gündelik alyp barýan işine ýolbaşçylygy (dolandyryşy) onuň ýeke-täk ýerine ýetiriji Baş direktor amala aşyrýar;
- Jemgyýetiň derňew topary, ol Jemgyýetiň maliýe-hojalyk işlerine gözegçiligi amala aşyrýar.

## 4. Dolanşyga göýberilýän gymmatly kagyzlar barada maglumatlar we şertleri.

4.1. Obligasiýanyň goýberilişiniň görnüşi: Atly resminamalaşmadyk.

4.2. Obligasiýanyň ýerlenilýän ýeri: "Aşgabat gazna biržasy" ÝGPJ-niň söwda ulgamy.

4.3. Obligasiýanyň goýberiliş, ýerleşdiriş we yzyna gaýtarylyş ölçegleri:

- bir sany obligasiýanyň nominal bahasy: 1 000 manat;
- obligasiýanyň umumy sany: 20 000 sany;
- obligasiýanyň goýberiliş möçberi: 20 000 000 manat;
- obligasiýanyň ýyllyk girdeji göterim möçberi: 7%;
- obligasiýanyň dolanşyk möhleti: 2 ýyl;
- obligasiýanyň üpjünçiligi: emitentiň arassa aktiwleriniň gymmatynyň möçberi;
- obligasiýa boýunça göterim girdejileri tölemek tertibi: çärýekleýin;
- obligasiýa boýunça esasy berginiň gaýtarylmagynyň tertibi: soňky çärýekde girdeji göterimi bilen bilelikde maýadarlara gaýtarylýar;
- obligasiýanyň ýerlemek we tölemek tertibi: nagt däl görnüşinde milli pul birliginde;
- obligasiýanyň ýerleşdirilmeginiň başlanýan senesi: Obligasiýanyň emissiýasynyň döwlet belligine alnan senesinden;
- obligasiýanyň ýerleşdirilmeginiň tamamlanýan senesi: döwlet belligine alnan senesinden 2 ýyl möhletde;
- ýerleşdirilmeginiň usuly - açyk ýazylyşyk;
- mümkin bolup biljek eýeleri - fiziki we ýuridiki şahslary.

4.4. Obligasiýanyň möhletinden öň yzyna satyn almak şertleri:

Obligasiýalaryň möhletinden öň yzyna satyn alynmagy Emitent bilen Maýa goýujynyň özara ylalaşygy boýunça amala aşyrylyp bilner. Maýa goýujynyň ýüzlenmesi esasynda obligasiýalaryň möhletinden öň yzyna satyn alnan ýagdaýynda, şol çärýege degişli göterimi hasaplanylmaýar. Obligasiýalaryň möhletinden öň Emitent tarapyndan yzyna satyn almak ýa-da Maýa goýujy tarapyndan yzyna satmak karary barada 2 (iki) aý öňünden biri-birine habar edilýär.

4.5. Obligasiýalary emissiýa etmek baradaky karary kabul eden Emitentiň edarasy: “Mary Deri-aýakgap” açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň Paýdarlaryň Umumy ýygnagy.

## 5. Emissiýa prospektine goşulýan resminamalaryň sanawy.

5.1. Emitentiň Tertipnamasynyň nusgasy;

5.2. Emitentiň Türkmenistanyň ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmesiniň nusgasy;

5.3. Emitentiň 2021 we 2022 ýyllar boýunça Maliýe hasabatlylygynyň toplumynyň nusgalary;

5.4. Emitentiň 2022-nji ýylyň 31-nji dekabr ýagdaýyna Maliýe-hojalyk işleriniň netijeleri boýunça Audit hasabatynyň nusgalary.

Sanalan we bagjyklanan 6 (alty) sahypa

MARY WELAÝATY MARY ŞÄHERI. AÇYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI
«MARY DERI-AÝAKGAP»
TÜRKMENISTAN *